# Çingiziň gazaby / hekaýa

Category: Kitapcy,Sözler,Taryhy proza
написано kitapcy | 23 января, 2025
Çingiziň gazaby / hekaýa ÇINGIZIŇ GAZABY



Alys ýoldan aryp gelen Çingiz han edilen hödür-keremden ýüz öwürdi.
– Keýpiň kelläňde, Hökümdar – diýip, biraz aljyran Çagataý eşidiler-eşidilmez mydyrdady.
Kakasynyň öz goşunynyň düşlän ýerine bütinleý duýdansyz, hiç hili duýduryşsyz gelip düşmegi hemişe bolşy ýaly, Çagataýy «Munuň beýtmesi gowulygamyka ýa erbetligemikä?» diýip, ejirli oýlanmaga mejbur etdi.
– Ýatjak. Ilki dynç almakçy. Galan zatlary soňa goýaly –

diýip, Çingiz han islegini mälim etdi.
Ol oglunyň öýüne girip, geýimlerinem çykarman, düşekde süýndide, bada-bat uka gitdi. Onuň ýüz sany şahsy janpenasy öýüň töweregini halkalaýyn gallady. Dişlerine çenli ýaraglanan saýlama nökerler öýi aňrybaş eserdeňlik bilen goraýardylar. Olar hatda beýik hanyň dynç alýan öýüniň üstünden uçup barýan guşy-da, şol ýana ýörmüldäp barýan garynjany-da bada-bat ýok edýärdiler.
Çuň uka giden Çingiz han gaty hem dowamly hor çekýärdi. Çagataýyň üç ýaşly ogly Mutukeni ukudan oýaranam şol horruldy bolsa gerek. Hökümdar ýatar ýaly, gyssagara öý taýynlan adamlar onuň içinde çaganyň ýatanyny ýatdan çykarypdyrlar. «Geň zat, bu horruldy nämekä?» diýýän ýaly, oglanjyk gözlerini owkalap, giň öýüň içine nazaryny aýlady.
Üstüne haly ýazylan uzyn tagta sekide äpet bir kişi ellerini kellesiniň astyna goýup ýatyrdy. Onuň insiz maňlaýy gaşlaryna çenli tüý bilen örtülendi, juda selçeň sakgaly giň hem galbaň döşüniň üstünde uzalyp ýatyrdy.
Mutuken birbada: «Bu kakam ýaly-la» diýip oýlandy. Sebäbi ukuda ýatan äpet kişi Çagataýa gaty meňzeşdi. Onuň has golaýyna baran oglanjygyň aňynda: «Ýok, bu kakam-a däl, kimem bolsa, bir nätanyş kişi» diýen pikir peýda boldy.
Tagta sekide nätanşyň ýaraglary ýatyrdy. Bilindäki gowşadylan gaýyş kemerde kiçijik hanjar bardy. Kemerem, hanjaram gymmat bahaly daşlar bilen bezelendi. Olar oglanjygyň gözlerine ýylpyldaşýan owadanja oýnawaç ýaly bolup göründi. Näçe diýseň läliksiredilýän Mutukeniň gaňryşyna gaýdylmaýardy, nähili garagollyk etse-de, bagyşlanýardy. Şonuň üçinem hülli-hülli edilip ösdürilýän oglanjyk hiç zatdan gypynç etmän, tagta sekä mündi-de, çommalyp oturyşyna hanjara elini uzatdy. Çekeläp, kemerden aýryp bilmänsoň, onuň bilen gyzyklanmasyny-da bes etdi. Indi onuň nazary başga bir, has-da gyzykly zada gönükdi. Ýatan adamyň sakgaly oňa geň hem gülkünç göründi. Mutuken aýasyny usullyk bilen selçeň sakgalyň üstünden ýöretdi. Soňam sakgalyň bir gylyny äpet adamyň dodagyna degrip, eýläk-beýläk ýöretdi. Ukudaky kişiniň dodaklarynda çala saýgardýan ýylgyryş peýda boldy. Beýtmesi ýatana hoş ýakýandyr öýden oglanjyk has ekezlenip, gyly onuň burnunyň deşikleriniň agzynda aýlaşdyrdy. Biynjalyk bolup eýläk-beýläk agdarynjyran äpet kişi bar güýji bilen asgyranda, kiçijik Mutuken pökgi ýaly zyňlyp gitdi.
Gygyrmaga-da ýetişmedik Mutuken dergazap bolan Çingiz hanyň

güýçli penjesine nädip düşenini-de duýman galdy.
Başga bir çaga bolanlygynda, bu eýmenç adamyň ýowuz penjesine düşenine ýüregi ýarylardy. Mutukeni az-kem gorkuzan zat bu ýagdaýyň tötänden ýüze çykmagy boldy. O-da uzaga çekmedi. «Ukuda ýatyrkam haýynlyk bilen başyma ýeterler» diýen bükgüldide gezýän Çingiz han welin, birbada gaty gorkupdy. Ýöne oglanjygyň arassa, mylaýym ýylgyryşy Hökümdaryň keşbindäki howsalany zym-zyýat etdi. Olam ýylgyryp, oglanjygy ýokaryk bökdürdi-de, döşünde oturtdy.
Mutuken elini ýene sakgala uzadyp, iň uzyn gyly saýlady-da, onuň bilen Çingiz hanyň çekgesini gyjyklady. Hökümdar oýna gyzygyp oturan çagany näçe içgin synladygyça, şonça-da mähiri gitdi.
Onuň keşbinde özi bilen köp sanly meňzeşliklere gözi düşdi: «Ýeserje. Zatdan çekinmezligem edil maňa meňzäp dur.»
Çingiz han Mutukeni ýene-de ýokaryk zyňyp, gapdy. Soň ýene… Onuň beýtmesi oglanjygyň hoşuna geldi. Ol ellerini iki ýana gerip, üznüksiz gülýärdi, düşnüksiz bir zatlar wüjürdeýärdi.
Bu gohy eşidip, içerik nazar salan janpenalar geň galyp, agyzlaryny açdylar: olaryň hemişe ýüzi çytyk Hökümdary gülýärdi… Onuň gujagynda-da bir oglanjyk jykyrdaýardy. Ynanar ýaly däl. Ynanyp bolmajak ýene bir zat – oglanjyk Hökümdaryň ýekeje hereketi ençeme müň adamy halas edýän ýa-da ölüme iterýän gaşlaryndan ýapyşypdyr.
Hanyň ýakyn adamlary ýowuz Hökümdaryň öz ýanynda çagalaryň oýnamaklaryny, garagollyk etmeklerini halamaýandygyny bilýärdiler.
Hökümdaryň uly maşgalasynda çaga köpem bolsa, olary oňa hiç wagt görkezmän diýen ýaly saklaýardylar. «Ulalansoňlar görse-de bor» diýýärdiler. Onuň körpejeleri ogşamagy, häzirkisi ýaly gujagyna almagy asla görlen zat däldi. Belki-de, Çingiz hanyň öz çagalarydyr agtyklaryna hoşamaýlyk etmezligi onuň başga çagalara rehim etmek duýgusyny öz kalbyna golaýlaşdyrmazlyk islegi bilen baglydyr. Onuň boýun egdiren halklarynyň gözüniň oduny almak üçin çagalaryň depesinden gylyjyny inderip, bir zarbada dik iki bölüp taşlan gezekleri az bolmandy. Ol muny, goý, hemmeler beýik hanyň golunyň kuwwatyny görsünler diýen niýet bilen edýärdi.
Görülmedik tomaşa aňk bolup duran janpenalar bu barada Çagataýa bada-bat habar bermegi-de unutdylar.
Eşidenden, haýdaşlap gelen Çagataý bada-bat Hökümdaryň aýagyna

ýykylyp, mana düşmez çaganyň günäsini geçmegini haýyş edip, ýalbardy.
– Tur ýeriňden! – diýip, Çingiz han azmly buýruk berdi. – Ýogsa sen ölüme mynasyp.
Çagataý zordan başyny galdyrdy.
– Näme üçin munuň ýaly ýeserje ogluň bardygyny menden gizlediň? – diýip, Hökümdar mylaýym äheňde sorady. Soňam agtygyny ýene bir gezek ýokaryk oklap gapdy.
Şol günki meýlisde Çingiz han Mutukeni gapdalynda oturtdy.
Eli bilen naharlady, öz käsesinden gymyz içirdi.
Şondan soň oglanjyk atasynyň ýanyndan aýrylmady. Dyzyna münüp, onuň sakgalyny oýnady, ýaraglaryny elleşdirip gördi, egnine ýarmaşdy.
Kakasynyň maslahaty bilen Çagataý Mutukeni öz mirasdüşeri edýändigini hemmelere eşitdirip yglan etdi.
Ugramaly wagty gelende, Mutuken atasyna şeýlebir erjellik bilen ýapyşdy welin, Çingiz han «Gitsemmikäm ýa gitmesemmikäm?» diýip ýaýdanjyrady. Ol hökman gitmelidi, ýöne agtygy bilen aýrylyşasy gelenokdy. Ahyry Çingiz han Çagataýa maşgalasynam alyp, özi bilen gitmegi buýurdy.
Şol günden başlap, Çingiz hanyň ýeke-täk şatlygy kiçijik Mutuken boldy. Ganly söweşlerden dolanyp gelen badyna ol ilki agtygyny soraýardy, onuň bilen sagatlap oýnaýardy. Soňra ol Mutukene at münmäni, ýarag işletmäni öwredip ugrady. Ol agtygy bilen jylaw deňläp, at çapdy, ýaýdan peýkam atyp, haýwanlardyr guşlary awlamaga türgenleşdirdi. Birki ýyl geçensoň, Çingiz han Mutukeni öz ýany bilen harby ýörişlere äkidip ugrady. Galalardyr şäherlere hüjüm edilýän wagty Hökümdar agtygyny duşmanyň peýkamy ýetmez ýaly aralykda saklap, söweşiň gidişini synladýardy, gelejekde öz kes bini dowam etdirer diýen tamada, söweşe serkerdäniň gözi bilen seretmegi öwredýärdi.
***
Horezmiň soltany Jelaletdiniň söbügini sydyrdyp, yzarlap barýan Çingiz han Hindiguşuň dar geçidinden çykansoň, onuň gözleriniň öňünde üýtgeşik görnüş açyldy: iki tarapyny belent daglar gurşan jülgeden kiçiräk, egrem-bugram, bol suwly derýa towlanjyrap akyp ýatyrdy.
Derýanyň sag kenaryndaky howalanyp duran kert gaýalarda kimdir biri tarapyndan ussatlyk bilen oýulyp ýasalan Buddanyň äpet heýkelleri başyny asmana diräp, seleňläp durdy. Ol heýkeller, göýä diýersiň, jülgäniň girelgesine goýlan sakçylara çalym

edýärdi. Ondan aňyrlygyna uzalyp gidýän köp sanly kiçiräk heýkeller derýany iki tarapdan gysan kert gaýalara täsin görnüş berýärdi. Sag kenardaky iň belent, ilki göreniňde, asla çykyp bolmajak ýaly görünýän dag gerşiniň depesinde Bamian galasy göze kaklyşýardy. Onuň töweregindäki dag eňňitlerinde şäher ýaýylyp ýatyrdy. Alysdan synlanyňda, gala, göýä, şäheriň arasynda ýerleşmän, berk gaýanyň depesinde asmandan asylyp durana çalym edýärdi.
Mongollaryň Hökümdary galany uzak wagtlap synlap durşuna, ol ýere nädip çykyp boljagy barada oýa batdy. «Öz-ä kyn düşer, şonda-da synanyp görmek gerek…» Soňra Çingiz han aňtawçylarynyň getiren habarlaryny diňledi. Olaryň aýtmaklaryna görä, galada uly goşun barmyşyn. Galyberse-de, daşy berk goragly şäher uzak wagtlyk gabawa-da hötde gelmäge taýýarmyşyn.
Çingiz han Bamiany goraýjylara söweşsiz tabyn bolmagy teklip etdi. Haçan-da, garaşylyşy ýaly, olar bu teklibi ret edensoňlar, mongollar şäheri gabamaga başladylar. Olar kiçiräk toparlara bölünip, galany goraýjylaryň mazasyny gaçyryp ugradylar, goragyň gowşagrak ýerlerini aňtap, aýgytly hüjüme taýynlandylar. Ýöne bamianlylaram gol gowşuryp oturanokdylar. Olaryň ýaý atyjylary ertirden agşama çenli mongol nökerlerini yzarlap, rehimsiz ýok edýärdiler. Mahal-mahal galadan çykyp, duşmanlaryna gurt ýaly daraýardylar.
Çingiz han hüjüme başlamaga howluganokdy. Onuň entek anyklamaly zatlary bardy. Ol dag gaýalarynyň biriniň gerşine çykyp, uzak wagtlap galany synlaýardy. Her gün dürli ýerlerden syn edip, nireden hüjüm edeniňde amatly boljagy barada kelle döwýärdi. Mutukenem atasynyň ýanyndady. Sebäbi ullakan sabyrlylygy talap edýän synlamak hem oýlanmak endigini ol hem öwrenmelidi.
Şol günem olar ir bilen dag gerişleriniň biriniň üstüne çykdylar. Mongollaryň Hökümdarynyň ýanynda onuň ýakyn adamlary bolan goşunbaşylarydyr janpenalarynyň kiçiräk atly topary bardy.
Mutuken biraz salym Çingiz hanyň öz goşunbaşylary bilen edýän gürrüňini diňledi. Birdenem ondan irdimi-nämemi, ýanyndakylara bildirmän, çeträge saýlandy-da, uçudyň erňeginde atynyň başyny çekdi. Onuň duran ýerinden gala golaýdy. Hatda galany penalap duran adamlaryň sesleri-de eşidilýärdi. «Olara gygyraýsam nähili borka?» diýip oýlanan Mutukeniň ellerini agzyna

ýetirenem şoldy welin, bir mergeniň atan peýkamy onuň edil ýüregine sanjyldy.
Mutuken atdan agsa-da, aýaklary sypmany üçin göwresi üzeňňiden asylyp durdy. Onuň aty ürküp, uçutdan bir gapdala serpikdi.
Çingiz han bir bökende onuň ýanyna bardy-da, agtygynyň elinden ýapyşdy. Mutukeniň nury öçüp barýan gözleri atasyna seredýärdi. Çingiz hanyň gursagyndan basyk iňňildi eşidildi. Ol Mutukeni usullyk bilen ýerde ýatyrdy-da, eglip, gulagyny onuň döşüne goýdy.
Hemmeler gymyldamaga milt edip bilmän, doňan ýaly bolup durdular. Ilki özüne gelen janpenalaryň baştutany Borçi noýon boldy.
– Men ýeriň teýinde-de bolsa, tebip taparyn, Hökümdarym – diýip, ol atynyň başyny bir gapdala burup durşuna batly seslendi. Çingiz han duranlara ýigrenç bilen nazar saldy-da, dişinden syzdyryp seslendi:
– Indi oň geregi ýok.
Gahar-gazaby depesine uran Çingiz han şol günüň özünde daş zyňýan enjamlary galanyň etegine eltdi-de, goşunlaryny hüjüme sürdi. Entek Günem ýaşmanka gala garşylyk görkezmesini bes etdi. Çingiz han öz nökerlerine: «Hiç kimi ýesir almaly däl, hiç kimi diri goýmaly däl, ýekeje-de abat zat galmaly däl!» diýip buýruk berdi.
Mongollar şäheri ýer bilen ýegsan etdiler, galany ýumurdylar, ilaty gyrdylar.
Galadyr şäheriň boljagy bolansoň, Çingiz han agtygynyň jesediniň ýanyna geldi.
Çingiz han ölümi kän görüpdi, onuň öz elleri bilen başyna ýeten adamlarynyňam sany-sajagy ýokdy! Ölüm köpden bäri onuň aýrylmaz hemrasyna öwrülipdi. Ýöne hiç bir ölüm häzirki ýaly onuň kalbyny lerzana salmandy. Başga bir ýürek bu hili sarsgyndan soň ýumşaýjak ýalydy. Çingiz hanyň ýüregi welin, tersine, öňküdenem beter gatady. Ol hemişe ýakyn adamlarynyň öz garşysyna gizlin dil düwşerinden, dönüklik ederinden howatyrlanýardy. Häzirki ýagdaý onuň şübhesini has-da odukdyrdy. Şeýle-de bolsa, Mutukeniň ölüminiň sebäbi göze dürtülip duransoň, Çingiz hana gahar-gazabyny kimdir birinden çykarara tutaryk ýokdy. Şeýle-de bolsa, ol Mutukene göz-gulak bolmaly janpenany meýdana çykaryp, aýylganç jeza höküm etmegi buýurdy.
Çingiz han ondan soň Mutukeniň jesediniň ýanyna barmady. Ony

tiz jaýlamaga buýruk berdi-de, soň çadyryndan çykman mydar etdi. Diňe şol wagt – ýalňyz özi içini hümledip otyrka , agtygynyň kakasy, ýagny öz ogly Çagataý ýadyna düşdi.
Ähli hasaba görä, Çagataý hä diýmän bu ýere – baş düşelgä gelip ýetmelidi. Onuň öz goşuny bilen boýun egdirilen Ürgençden çykanyna esli wagt bolupdy. Çingiz han ol geleninden soňky boljak wakany göz öňüne getirýärdi. Çagataý üçin Mutuken dünýädäki ähli zatdan ezizdi. Onuň ahy-perýady älemi sarsdyrar, gözýaşy bütin zemini suwa gark eder. Zemin owarram-la! Goý, gark bolsa, bolsun. Hökümdaryň ýüregi welin… Ol Çagataýyň nalasydyr gözýaşlarynyň täsirinden öz daşa dönen ýüreginiň sähelçe-de bolsa, ýumşaryny islänokdy. Umuman, erkek kişiniň gözýaşy Çingiz hanyň ýek ýigrenýän zadydy. Onuň pikiriçe, beýik işlere baş goşan adamyň ýüregi daşdan bolmalydy. Şonda islendik hasrat ony öňküdenem ýowuzlyga, her bir dökülmedik gözýaş öňküdenem zalymlyga iterjekdi. Eýsem, Çingiz hanyň gözýaşa boglan, kalbynyň hasrat içre urnan wagtlary az bolupmydy? Eýsem, Çagataýdyr onuň aýaly Mutukeniň hasratyny Çingiz hança çekip bilermikäler? Ýöne Hökümdar öz dökmedik gözýaşlaryny birçak öç alyjy zalymlyga öwrüpdi. Ol öz kalbyny taplady, onda adaty ynsan duýgularyna orun ýok. Indem bolmaz. Onuň ykbaly şeýle boldy. Bir agyry beýlekiniň ýerini doldurdy, bir ejir beýlekiniň üstüne urna boldy. Görüp otursa, adamam demir kysmy bir zat eken. Hasratdyr ejir-azaplar ýüregiňi sarlandyrýar, häsiýetiňi berkidýär. Atasynyň yzyny dowam etdirip, dünýäni beýik işler bilen haýran galdyraslary gelýän bolsa, ogullaram onuň özi ýaly bolmaly.
Çagataý entek ýaş, häsiýetem edil palçyk ýaly. Ýok, palçyk däl-de, gyzdyrylan demir ýaly. Demir gyzgynka süýmek aňsat. Ýaş adamyň häsiýetini nähili edeýin diýseň, eliňdäki zat. Çagataýyň başyndan aýylganç hasrat inmeli. Ol çekip-çydardan çökder ejiriň penjesinde urnar. Oňa oglunyň ölümini ýadyndan çykarar ýaly, has aýylganç, ynsan hasratynyň nämedigini unudar ýaly derejede agyr urgy taýynlamaly.
Diňe öz ölüminiň öňündäki gorky onuň bu hasratyna basalyk berip biler. Jany bokurdagyna gelen adam galan ähli zady ýadyndan çykarar.
Çingiz han kellesine gelen şu pikiri makul gördi. Ol gözleýän zadyny tapana meňzeýärdi. Indi muny ýerine ýetirmegiň ýoluny agtarmaly.
Biraz wagt geçensoň, Çingiz han janpenalarynyň baştutany Borçi

noýony ýanyna çagyrdy.
– Ogullarym bu ýerden näçeräk daşlykdadyr öýdýäň? Maňa aýdyşlaryna görä, olar baý olja bilen dolanyp gelýärmişler.
– Meniň pikirimçe, olar bu ýerden bir günlük ýol çemesi daşlykda bolmaly, Hökümdarym.
– Häziriň özünde olaryň üstüne ugra. Bilip goý, Mutukeniň ölümi hakynda ýeke sözem diliňden sypdyraýma. Has beterem, Çagataýdan ägä bol.
Borçi noýon düşünýän hem boýun synýan diýen terzde baş egdi. – Ogullaryma meniň buýrugymy ýetir: goý, haýal etmän, bärik eňsinler. Olar bilen hiç zat barada gürleşme, olaň ýanyna hiç kimi goýberme. Düşelgä gelen badyňyza, olary meniň ýanyma alyp gel.
***
Talanyp alnan oljalardan ýüki ýeten mongol goşuny haýallyk bilen baş düşelgä tarap süýşüp gelýärdi. Bary-ýogy birnäçe gün mundan ozal mongollar Horezmiň paýtagty Ürgenji eýeläpdiler. Bu örän uly ýeňişdi. Ýöne Çagataý öz dogany Ugedeýiň tersine, bu ýeňşe onçakly begenmeýäne meňzeýärdi. Munuňam özüne ýetesi sebäbi bardy.
Beýik hanyň üç ogly – Juçi, Çagataý hem Ugedeý ýedi aýlap Ürgenjiň galasynyň töweregini torç etdiler. Ejirli gabawa hem ýygy-ýygydan gaýtalanýan hüjümlere garamazdan, Ürgenji goraýjylaryň gaýtawuly berkdi, ýaraglaryny taşlap, boýun egjege meňzänokdylar. Şonça wagtyň içinde Çingiz hanyň özi has berk galalardyr şäherleriň ençemesini basyp aldy. Onuň ogullarynyň bolsa Ürgenç galasyna maňlaýlaryny diräp, şol duruşlary. Çingiz han olaryň bu haýal-ýagallygynyň sebäbini anyklamak islände, ähli zatdan habarly jansyzlar Ürgenjiň etegindäki goşunyň üstünlikli hereket etmegine Juçi bilen Çagataýyň agzalalygynyň päsgel berýändigini aýtdylar. Şonda Çingiz han Juçi bilen Çagataýy boşatdy-da, Ürgenjiň eteginde hereket edýän goşuna öz kiçi ogly Ugedeýi baştutan belledi. Olam mekirlik hem assyrynlyk bilen işe girişdi. Agalaryna hoşamaýlyk edip, hormat-sarpa goýan kişi bolup, ol goşuny aýgytly hüjüme taýynlap ugrady. Hüjüme geçjek wagtyny doganlaryndan gizläp saklady. «Goý, ol gün entek uzakdyr öýtsünler, öňünden keýpleri bozulmasyn» diýip oýlandy.
Hüjümiň ilkinji gününde Ugedeý galanyň üstünde mongol baýdagyny dikdi. Şäheriň köçelerinde ýedi günläp dowam eden garpyşykdan soň Horezmiň paýtagty syndy. Ugedeý bada-bat

Çingiz hana hoş habarly çapar ýollady, onuň yz ýanyndanam gymmat bahaly sowgatlar ugratdy.
Çingiz handan oljalardyr ýesirlerem alyp, haýal etmän baş düşelgä gelmeli diýen gysgajyk buýruk gowuşdy.
Çagataý bilen Juçi ýowuz kakalarynyň özlerini nähili garşylajagyny güman edýärdiler. Entek Ürgenje hüjüm edilýän wagty Juçi näsaglan kişi boldy. Häzirem onuň şol bahana bilen baş düşelgä birneme soňrak – gazaply şiriň gahary ýatyşansoň barasy gelýärdi.
Ol Hökümdara köp mukdarda gymmatly oljalardan ugratdy-da, ýarawlygyny bejertmek üçin öz ordasyna ugrady.
Baş düşelgä tarap ýola düşen Ugedeýiň kalbynda hiç hili howsala ýokdy. Sebäbi ol Hökümdaryň gaharyny getiräýjek hiç zat etmändi.
Çingiz hanyň gazaby ondan sowa geçip, agalarynyň başyndan inmelidi.
Çagataý welin… häzir ol kakasy bilen duşuşmazlyk üçin ähli zada taýyndy. Kakasyndan oňlulyga garaşanokdy. Bu duşuşygy onuň gahary ýatyşýança, az wagtlygam bolsa yza çekip bolsady! Ýöne etjek alajyň ýok. Çagataý söweşde batyrdy, gaýduwsyzdy. Duşman bilen iň aýylganç çaknyşyklarda-da ýöwsellän, kalbyna gorky aralaşan wagty ýokdy. Häzir welin, öz kakasy bilen bolmaly gutulgysyz duşuşyk onuň ýüregine bükgüldi, howsala salýardy.
***
Alysda – asmandyr zeminiň tapyşýan ýerinde topbajyk bulut peýda boldy. Ol tizlik bilen hereket edip, gitdigiçe ulaldy, soňam asmandan arasy üzüldi. Doganlar özlerine tarap eňip gelýän atly topary gördüler. Olaryň yzyndaky tozan guýruk ýaly bolup, alysa uzalyp gidýärdi. Iň öňden gelýän atlynyň elinde uzyn syrygyň ujuna berkidilen baýdak bardy. Ürgenji boýun egdirenler onuň beýik hanyň baýdagydygyny bada-bat tanadylar.
Ýüzünde gan pet galmadyk Çagataý doganyna gözüniň gytagyny aýlanda, Ugedeýiň keşbinde şatlyk alamatyndan başga zat görmedi.
Eli baýdakly esger atynyň başyny gowşatman, doganlaryň birnäçe ädim golaýyna gelip, jylawy bat bilen çekende, dyzmaç at tasdan ýykylypdy.
Doganlar onuň Hökümdaryň şahsy janpenalarynyň baştutany Borçi noýondygyny tanadylar. Borçi noýon hormat bilen baş egip, şeýle diýdi:

– Maňa sizi haýal etmän, beýik hanyň huzuryna alyp barmak buýruldy.
Doganlar özlerini rastlap ýetişmänkäler, Borçi noýonyň topary ikä bölündi-de, olaryň hersiniň daşyna halkalaýyn aýlandy.
Seslerini çykarman gidip baryşlaryna Çagataý: «Gapana düşäýdim öýdýän» diýip, ahmyr bilen içini gepledýärdi. Ol kakasynyň bu janpenalaryny özlerine hormat, merhemet hökmünde ibermändigini aňýardy. «Beladan-a gutulyp boljak däl ýaly. Ähli zada özüm jogap bermeli borun. Hemmesine-de näletsiňen Juçi günäkär. Ol iň ulymyz bolanda-da, beýdip, meň üstüme horazsyrap ýörmesi bolanog-a, özüni adam şekilli alyp baranlygynda, menem onuň bilen alagöz bolmagy islämok ahyryn. Ýöne mekir, ulumsy Juçi eýýäm özüni kakasynyň tagtynda oturandyryn öýdüp, diňe bir goşuny däl, bizem öz agzyna garatjak bolýar. Kakamyň ony özüne mirasdüşer etjegi hakynda dil ýaran ýeri ýok. Ol bolsa özüni tagt eýesi hasap edip, ýaşynyň ululygyna baýrynan bolup, ähli zada burnuny sokup ýör. Inilerini itçe-de görenok, maý tapsa, masgaralajak. Ol ýigrenji Ürgenç gabalan wagtam şeýtdi. Näçe gezek oňa akylly maslahat berdim. Gulagam asmady. Hiç hili goldawam bermedi. Gaýta, bar zady tersine etdi. Men-ä gala nobatdaky hüjüme geçýän, ol bolsa bir gyrada göwnübir ýaly söweşi synlap dur. Ýeke gezek kömek edenem bolsa, günäsi ep-esli ýeňlärdi. Pikir büren Ugedeýiň bizi ýaraşdyrjak bolmasam puja çykdy. Ürgenjiň eteginde mongol goşunynyň jylawyny berk saklan berdaşly gol bolmany üçin gabaw uzaga çekdi. Goşunyň ygtyýary özüne tabşyrylan Ugedeý welin, bu işe bada-bat hötde geldi.
Bolan zatlaryň baryna Juçi günäkär. Eýsem, men ondan kem oturarynmy? Tapdyň agzy saryny! Gepini çeker ýaly, aslynda, kim ol? Köpler ýaly, menem ony Çingiz hanyň ogly hasap edemok. Beýlekiler gorkularyna bu hakda pyşyrdap gürrüň edýän bolsalar, men hemmä eşitdirip aýdýan. Islese, goý, özem eşitsin. «Temen haltada ýatmaz» diýipdirler-ä».
Merkitler bilen çaknyşyklaryň birinde Çingiz hanyň aýaly Bürteçin duşmanyň eline ýesir düşýär. Merkitleriň serdary ony birnäçe wagt öz ýanynda saklaýar. Ahyrsoňy aýalyny ýesirlikden boşatmak Çingiz hana başardýar. Bürteçini ata mündürip, äriniň ýanyna alyp gidýärler. Uzak hem agyr ýoly söküp barýarkalar, dag jülgeleriniň birinde ol wagtyndan esli öň çaga dogurýar (ol oglanjygyň kimdendigini bir Hudaýa aýan). Bürteçiniň ýanyndaky hyzmatkär aýallar derrew hamyr ýaýyp, çagany oňa

dolaýarlar. Şeýdibem, oglanjygyň janyny halas edýärler. Juçiniň ady şu ýagdaý bilen bagly dakylan. Ol «irki, wagtyndan öň doglan» diýen manyny aňladýar.
Çingiz hanyň ähli ýakyn adamlary, şol sanda Çagataýam Hökümdaryň Juçini halamaýandygyny bilýärdiler. Onuň öz ogludygyna onçakly ynanmaýan hem bolsa, Hökümdar mekirlikdenmi ýa bilgeşleýinmi – hemmelere eşitdirip: «Häsiýeti edil meňki-dä» diýip, Juçini öwen bolýardy. Bu Çingiz hanyň aňrybaş magtamasydy. Beýle öwgä mynasyp bolýanlar az-azdy.
Hawa, Çingiz han il gözüne Juçä Hökümdaryň ilkinji perzendine garaýşy ýaly garaýanam bolsa, ony özünden daşrakda saklanyny kem görenokdy. Kakasynyň özüne bolan gizlin duşmançylygyny duýan Juçi hem onuň golaýynda bolmaga höwes edenokdy. Agasynyň gümürtik gelip çykyşyna ynanýan Çagataý özüni Çingiz hanyň ýeke-täk kanuny mirasdüşeri hasaplaýardy. Şonuň üçinem Juçiniň diňe bir ulumsy häsiýeti däl-de, eýsem, ýaşap ýörmeginiň özi oňa ynjalyk berenokdy. Ýaranjaňlar aşaklykdan Çagataýa agasyny aradan aýyrmagy ündeýärdiler. Şöhratparaz Çagataý bu teklibe eýerse eýererdem welin, ýagdaýy mazaly ölçerip-döküp, agasyny ýok etmekden özüne hiç hili bähbit görenokdy. Barybir, Hökümdar Çagataýy görkezip: «Bu maňa meňzeş» diýmez. Ol muny magat bilýär. Şeýle pursatlarda Çagataý diňe bir Juçini däl, eýsem, Ugedeýdir Tulini-de öz gan duşmany hasaplaýardy. Sebäbi Çingiz han öz körpe ogullaryny hemişe ýanynda saklaýardy hem olary Juçidir Çagataýdan has gowy görýärdi. «Meniň kakamyň tagtyna çykmak baradaky arzuwym puç, howaýy zat bolaýmasa. Doganlarym muňa asla ýol bermezler. Edil düýt-müýt edäýerler. Olar oglum üçin meni häzirem tike-tike etmäge taýýar. Hökümdaryň oglumyň üstünde ölüp-öçüp barmagy olaryň gonjuna gor guýýar. Mutuken! Eziz balam! Ömrümiň çyragy! Guwanjym, daýanjym!»
Ogluny ýatlan Çagataýyň keýpi çaglandy. Indi Çingiz han bilen duşuşygam o diýen gorkuly däl ýaly göründi. Hökümdar hiç wagt söýgüli agtygynyň kakasyna el götermez. Muny Çagataýyň dostlaram, duşmanlaram gowy bilýär. Goý, doganlaram göriplikden ýaňa ýarylyp öläýsinler! Şeýle oýlary serinde aýlan Çagataýyň atyny gyssap, Borçi noýonyň yzyndan ýetesi, ondan Mutuken barada sorasy
geldi. Ol janpenalaryň baştutanynyň yzyndan ýetiberende, birden darajyk dere gutardy-da, doganlaryň gözlerine gara köýük bolup, tüsseläp ýatan şäher göründi. Onuň töweregindäki

ýykan-ýumran bolan diwarlardyr gözaralalary tüssä gaplanan gala asmandyr zemininiň aralygynda asylyp durana çalym edýärdi. Buddanyň äpet heýkelleri-de tüssäniň derdinden garalypdyr. Galadyr şäheriň harabalarynyň arasynda ýekeje-de janly-jemende göze ilenokdy. Öli şäher, öli gala, Çingiz hanyň ogullary munuň kakalarynyň işidigini aňdylar. Kakasynyň ýeňşine haýran galan Çagataý beýik Çingiz hanyň bu galany haçan alanyny soramak üçin Borçi noýona tarap öwrüldi. Ýöne ol Çagataý heniz agzynam açyp ýetişmänkä, atyny gamçylady-da, eňňitden pese tarap ümdüzine tutdurdy.

Çingiz hanyň düşelgesine ýetiberenlerinde, nähilidir bir betbagtçylygyň bolanyny Çagataýyň süňňi syzdy. Özem adamyň apy-tupanyň golaýlaýanyny aňyşy ýaly, diňe ýüregi däl-de, bütin durky bilen syzdy.

Adatça, mongollaryň düşelgesi hemişe gorjalan ary öýjügi ýaly goh-galmagal bilen güwlär durardy. Häzir welin, ol ýerde ses-selemem ýok, adam-gara-da görnenok. Bu gowulygyň alamaty-ha däl. Onsuzam howsalasy ýetik Çagataýyň kalbyny gorky gaplady. Ol atyndan düşende, dyzlarynyň saňňyldaýanyny duýdy.

Çagataýyň Çingiz hanyň çadyryna tarap barşy edil boýnuna tanap salnyp, jeza berilýän meýdana äkidilip barylýan günälä meňzeýärdi. Hökümdaryň çadyrynyň agzynda janpenalar doganlaryň ikisinem saklap, ýanlaryndaky ýaraglaryny aldylar. Çagataý munam erbetlige ýordy. Çingiz han bu masgaralaýjy düzgüni mundan ozal ogullary babatda ulanmaýardy. Edil beýleki adamlara edilişi ýaly, olaryňam ýaraglaryny alýan bolsalar, bu Hökümdaryň öz ogullaryna gaty gahary geleniniň alamaty.

Çagataý bilen Ugedeý çadyra girişlerine bada-bat dyza çökdüler. Çingiz han däbe görä, hormat hökmünde ogullarynyň dyzanaklap öz ýanyna gelerine garaşyp durmady. Hökümdar elini silkip, Çagataý bilen Ugedeýi saçak başynda oturtmagy hyzmatkärlerine buýruk berdi. Özem ýagşydan-ýamandan dil ýarman, nahar iýmäge başlady.

Doganlar görkezilen ýere geçip oturdylar. Çingiz hanyň gabat garşysynda ornaşan Çagataý başyny galdyrman, çekinjeňlik bilen kakasyna seretdi. Bütin göwresi bilen saçagyň üstüne eglen Çingiz han ullakan bölek eti iki eli bilen bölüşdirip, iýip

oturyşyna, käwagt käsedäki gymyzdan owurtlaýardy. Mahal-mahal ýagly ellerini gapdalynda duran hyzmatkäriň döşüne süpürýärdi. Ugedeý arkaýyn iýýärdi, işdäsi tutulan Çagataý bolsa elindäki bölek eti tüýtmelän bolup, güýmenip otyrdy.
Çagataý gymyz içdi-de, nazaryny kakasyna gönükdirdi. Çingiz han haşlap, agzyny şapbyldadyp, sugunyň ullakan buduny çekeleýärdi. «Bu näme üçin beýle uzak dymýarka?» diýip, Çagataý howsalaly oýlandy. Ony hasam alada goýan zat – Çingiz hanyň ýanynda Mutukeniň bolmazlygydy.
Sugunyň buduny gazalap, çakyr süňke dönderen Çingiz han uludan gägirdi-de, ilkinji gezek ogullarynyň ýüzüne garady.
– Meň garşyma gitmäňizi siz haçan bes etjek?
Pessaý äheňdäki bu sözler, göräýmäge, doganlaryň ikisine-de deň degişli ýalam bolsa, Çingiz hanyň ýowuz nazary Çagataýa gönügipdi.
– Näme üçin meň buýruklarymyň üstünden gülýäňiz, näme üçin kanunlarymy bozýaňyz? – diýip, gazap bilen gygyran Çingiz han sugunyň mähnet but süňküni göni Çagataýyň ýüzüni nazarlap aýlap saldy. Ol soňky pursatda ýüzüni sowup ýetişeni üçin süňk honda gütüläp düşdi.
Çagataý, göýä, ölüp direlen ýaly boldy.
Ony sowuk der basyp, köýnegi bada-bat ýagyrnysyna ýelmeşdi. Öňki edenliliginden nam-nyşan galmadyk Çagataý dyza çöküp, mydyrdady:
– Eger haçandyr bir wagt seň garşyňa giden bolsam, duran ýerimde janymy alaý – diýip, ol sesini sandyradyp, kakasynyň aýaklaryna tarap dyzanaklap ugrady.
Çingiz han bir salym dymyp oturdy. Onuň diýeni bolupdy. Çagataý häzir diňe öz janyny halas etmegiň pikirini edýär. Galan zatlaryň ählisi onuň üçin manysyny ýitirdi. Munuň aňynda şu wagt ölümden gorkmak duýgusyndan başga hiç zat ýok. Hawa-da, häzir polat eremäniň öň ýanynda, indi ony taplamak üçin sowuk suwa taşlamaly.
– Seniň ogluň Mutukeni uruşda öldürdiler. Saňa aglamazlygy, hasrat çekmezligi buýurýan.
Göýä, asman özüniň ähli gök gürlemeleridir ýyldyrymlary bilen Çagataýyň depesinden inen ýaly boldy. Ol manysyz garaýan

gözlerini rehim-şepagatdan mahrum kakasyna dikdi. Onuň aglasy gelip, bokurdagy doldy. Ony saklardan Çagataýyň güýji asgyn gelse gerek. Häzir gözýaşlar paýrap ugrar. Ýöne onuň kalbynyň çuňlugyndan has kuwwatly bir güýç dömdi-de: «Ýaşamaly, ýaşamaly, ýaşamaly!» diýip, tekrarlap, dyňzap gelen gözýaşlaryň öňüni petikledi.
Çingiz han biraz wagt oglunyň gözlerine dikanlap seretdi-de, göýä, hiç zat bolmadyk ýaly seslendi:
– Tur-da, saçagyň başyna geç. Biz entek iýip-içip bolamzok.
Bedeni gurşan Çagataý zordan ýerinden turup, öz ornuna tarap ýöneldi.
Çingiz han hem ogullary ýene-de saçak başyna geçdiler.
…Ölüm pellesinde ýatan Çingiz han dört ogluna özünden soň etmeli işlerini paýlap berende, Çagataýa olaryň iň ýowuzy, zalymy hökmünde öz bellän tertip-düzgünleriniň hem kanunlarynyň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek wezipesini tabşyrdy.

Grigol ABAŞIDZE.

Terjime eden: Kakabaý GURBANMYRADOW. Taryhy proza